# Agalar, bir gözel bar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Agalar, bir gözel bar AGALAR, BIR GÖZEL BAR




Agalar, bir gözel bar,
gözelleriň gözeli.
Gül ýüzünden nur ýagýar,
peri olmuş ozaly.
Hyýalymda duş oldum,
bagra basdym mazaly.
Gel, köňlüm şoň şanyna
ajap şygyr ýazaly,
Özümni juwan duýdum,

kalbymda söýgi döräp.
Lebin sorup bal içdim,
gitdi agzymda eräp,
Beýle lezzet duýmadym,
heniz bu dünýe döräp.
Ýa gözleriň jadymy,
ýa lebiň gülgün şerap?
Huş göçdi, aklym çaşdy,
Bilmen bir ädim ýöräp,
Eý, gözel, gel em eýle,
halym olmasyn harap.

Gözel, göwnüň ne istär,
bilmen saňa ýaranyp,
Gözleň aklym apardy,
tenim galdy yranyp.
Ýüregim karar tapmaz,
göwräm içre urunyp.
Galdym gaýgy-gam içre,
başa gussa bürenip,
Eý,gözel, gel ýanymna
meniň halymny sorap.

Gözlerim gamaşyp dur,
nurdan doldy çar ýanyň,
Haýsy bilbilden eşitdiň
men deý zaryn saýranyn?
Tarypyňa söz tapmaz,
Aşyk Azat haýranyň.
Ýene biziň köňüle
bolmazmy seň seýranyň,
Gözlerim zar olmasyn,
seniň ýoluňny garap.

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular